**K. Amanow, G.Muhammedow**

# Gözi görmeýän başlangyç synp okuwçylaryna Lui Braýlyň ulgamyndaky güberçekli – nokat şekilli ýazuw alamatlaryny, belgilerini öwretmek

Saglygy dikeldiş okuw-terbiýeçilik toplumlarynyň başlangyç synp mugallymlary, terbiýeçileri üçin usuly gollanma

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen  döwlet neşirýat gullugy
2022

UOK 376:81
A 58

**Amanow K., Muhammedow G.**
A 58 **Gözi görmeýän başlangyç synp okuwçylaryna Lui Braýlyň ulgamyndaky güberçekli - nokat şekilli ýazuw alamatlaryny, belgilerini öwretmek.** Saglygy dikeldiş okuw-terbiýeçilik toplumlarynyň başlangyç synp mugallymlary, terbiýeçileri üçin usuly gollanma. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2022.

Gollanma Saglygy dikeldiş okuw – terbiýeçilik toplumlarynyň kör we çala görýän bölümleriniň başlangyç synp mugallymlary, terbiýeçileri hem-de tiflopedagogika ugrundan okaýan talyplary üçin niýetlenen. Gollanmada güberçekli – nokat şekilli harplary, alamatlary, belgileri öwretmek boýunça zerur bolan esasy maglumatlar berilýär.

TDKP № 138, 2022 KBK 74.3+81 ýa 71

© K. Amanow, G.Muhammedow, 2022.



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOW



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyz ykdysady taýdan günsaýyn ösýär. Gahryman Arkadagymyz: «Çagalar biziň geljegimiz, olar ýurdumyzyň ertirki eýeleri. Iň arzyly isleg-arzuwlaryň, beýik maksatlaryň hasyl bolýan Watanymyzda çagalar hakdaky alada hiç mahal ünsden düşürilmez» diýip belleýşi ýaly, ýurdumyzda saglyk ýagdaýy çäkli çagalaryň döwrebap bilim almaklary üçin dünýä ülňülerine gabat gelýän täze okuw binalary gurlup ulanylmaga berilýär. Häzirki zaman kämil tehnologiýalaryň ösen döwründe braýl ulgamynda okuw kitaplarynyň çap edilmegi, maksatnamalaryň halkara kadalaryna laýyk getirilmegi  bilim ulgamynda ýokary hil derejesini gazanmaga mümkinçilik döredýär.

Ýurdumyzda ýaş nesli Watana, halka wepaly, ylymly, bilimli, giň dünýägaraýyşly  edip terbiýelemekde uly işler alnyp barylýar. Saglygy dikeldiş okuw-terbiýeçilik toplumlarynda geçirilýän terbiýeçilik ähmiýetli çäreler, bäsleşikler, hepdelikler okuwçylaryň okuwa höwesini has-da artdyryp, olaryň ukyp-başarnyklaryny ýüze çykarmakda, ösdürmekde örän ähmiýetlidir.

Durmuşyň häzirki ösüşi saglyk ýagdaýy çäkli çagalardan diňe ýazmagy, okamagy, diňlemegi we gürlemegi talap etmän, eýsem, gündelik durmuş meseleleri hem

özbaşdak çözmeklerini talap edýär. Saglyk ýagdaýy çäkli çagalaryň ukyp-başarnyklaryny mümkin boldugyndan kämilleşdirip, olary hem özbaşdak ýaşaýşa taýýarlamak esasy wezipeleriň biridir. Ýurdumyzyň ähli ýerlerinde häzirki zaman enjamlary bilen üpjün edilen täze okuw mekdepleriniň gurulmagy, bilim ulgamynda halkara gatnaşyklarynyň has-da ösdürilmegi, innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmagyň dünýä tejribesiniň öwrenilmegi, döwletimiziň ylym-bilim ulgamyny düýpli ösdürmäge aýratyn üns berýändigini aýdyň subutnamasydyr. «Biziň bilime, ylma aýratyn hormat goýýan halkymyz bar» diýip, hormatly Prezidentimiz öz çykyşlarynda elmydama belläp geçýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda ylym-bilim ulgamyny ösdürmek döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar. Bu günki gün ýurdumyzyň bilim ulgamy pajarlap ösýär. Täze bilim ojaklary, ak mermere beslenen çagalar baglary, orta mekdepler gurlup ulanylmaga berilýär. Şol bilim ojaklarynda bilim-terbiýeçilik işlerini talabalaýyk ýola goýmak üçin ähli mümkinçilikler we şertler döredilendir. Şeýle bolansoň ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly, ruhubelent ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmek mugallymlaryň möhüm wezipeleriniň biri bolup durýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň ýagty geljegi bolan ýaş nesliň ylymly, bilimli,

berk bedenli, ruhubelent, kämil düşünjeli bolup ýetişmekleri ugrunda uly aladalar edilýär.

Hormatly Prezidentimiziň edýän aladalaryna jogap edip, bilim işgärleriniň her biriniň öňdebaryjy tejribeleri öwrenmegi we işe ornaşdyrmagy, bilim we terbiýe bermegi, okatmagyň usullaryny kämilleşdirmegi hökmandyr. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň tagallalary netijesinde, ýurdumyzda ýaş nesliň dünýä ülňülerine laýyk bilim almagy, ylym dünýäsine aralaşmagy bilen baglanyşykly uly özgertmeler amala aşyrylýar. Umumy orta bilim berýän we ýöriteleşdirilen orta mekdeplerde dersleriň okadylyşyny kämilleşdirmek hem-de mekdep okuwçylaryny hünär okuwlaryna taýýarlamak, olara halkara okuw ulgamlarynyň talaplaryna laýyk gelýän derejede bilim bermek hem mugallymlaryň öňünde hormatly Prezidentimiz tarapyndan goýlan esasy meseleleriň biridir.

# I BÖLÜM

## 1.1. Lui Braýl (1809–1852) Fransiýanyň tiflopedagogy

Ol batyl we görüş ukyby pes bolan adamlar üçin 1825-nji ýylda hat ýazmagyň düýbünden täze köp ugurly ulgamy bolan güberçekli – nokat şekilli alty nokatdan ybarat bolan harplary döredýär.

Lui Braýl 1809-njy ýylyň 4-nji ýanwarynda Fransiýanyň Kuwre şäherinde eneden dogulýar. Ol üç ýaşynda gözüne şikes ýetip, görmekden mahrum bolýar. 1819-njy ýylda Lui Braýl Pariždaky batyllar üçin ýokary okuw mekdebine okuwa girýär. Institutda okap ýören döwründe täze ulgamy döretmek barada köp işler geçirýär. Instituty gutaryp, şol institutda mugallym bolup galýar. 12 ýylyň dowamynda güberçekli – nokat şekilli alty nokatly harplary batyl adamlar üçin döredýär. Güberçek şekilli harplary döredensoň ol ýörite harplary ýazmak, okamak üçin grifel atly enjamy hödürleýär. Güberçekli – nokat şekilli harplar ulgamy boýunça ilkinji kitap 1837-nji ýylda Fransiýada çap edilýär. Şu wagta çenli Lui Braýlyň döreden harplar ulgamy barmak bilen okalýan harp hökmünde hemme ýurtda ulanylýan ýeke-täk kitaplar bolup, ol ÝUNESKO tarapyndan tassyklanandyr.

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy braýl elipbiýiniň ähmiýetini ýokarlandyrmak maksady bilen her ýylyň 4-nji ýanwaryny Braýl elipbiýiniň Bütindünýä güni hökmünde yglan etdi. Häzirki wagtda braýl ulgamy boýunça okap we ýazyp bilmek batyl we çala görýän adamlaryň başarnygyny aňladýar. Gözi görmeýän we çala görýän çagalar üçin sowatlylyk munuň özi bilim, hünär almaga, işe ýerleşmäge we özbaşdaklyga eýe bolmaga mümkinçilik berýär.

## 1.2. Lui Braýlyň güberçekli – nokat şekilli ulgamy

Görüş kemçiligi bolan adamlar üçin Lui Braýl tarapyndan döredilen güberçekli – nokat şekilli alty nokat şertli belgiler (hatlar ulgamy) görüş taýdan ukypsyz okuwçylaryň kitaplary hem-de döwürleýin neşirleri okamak üçin ulanylýan ýazuw ulgamydyr. Okuwçylar güberçekli – nokat şekilli hatlar ulgamynyň kömegi arkaly ylmy öwrenip, edebiýat we sazlar bilen tanşyp bilýär. Bu tebigat we onda bolup geçýän hadysalar, halk hojalygynyň gazanan üstünlikleri we öz ýaşaýan obadyr şäherleri barada doly maglumatlary almaga ýardam edýär. Olaryň jemgyýete goşulmagyny üpjün edýär we beýleki möhüm durmuşy endikleri, başarnyklary öwredýär. Görüş kemçiligi bolan okuwçylaryň bilim almagy belli bir maksady ösdürmek üçin braýlyň güberçekli – nokat şekilli harplaryny ýazmagy, okamagy özleşdirmek hökmandyr. Lui Braýlyň matematikada, fizikada

we beýleki aňlatmalarda döreden güberçekli – nokat şekilli alty nokat hatlar ulgamynyň kömegi bilen görüş taýdan kemçiligi bolan çagalaryň bilimini we terbiýesini guramaçylykly we umumy bilim maksatnamasyna laýyklykda ösdürmek we özleşdirmek mümkin bolsa-da bu babatda okuwçylaryň bilimini we endiklerini kämilleşdirmek mugallymyň kömegi bolmasa mümkin däldir. Şoňa görä-de Lui Braýlyň güberçekli – nokat şekilli harplary we okuw tiflo enjamlar barada maglumat bermek her bir mugallym üçin örän wajypdyr. Bu usuly gollanma aşakdaky üç bölümden ybarat:

**Birinji bölümde** Lui Braýlyň güberçekli – nokat şekilli umumy ýazgy görnüşleri hem-de grifel enjamlary barada maglumat berilýär we başlangyç synplarda okuwçylaryň biliminde peýdalanýan türkmen we rus dilinde braýlyň aňlama ulgamy düşündirilýär.

**Ikinji bölümde** başlangyç synplarda matematika sapaklarynda ulanylýan braýlyň ulgamyndaky güberçekli – – nokat şekilli alamatlarynyň ýazylyşy, düzgünleri nusgalaryň üsti bilen görkezilýär, gürleýän JAWS programma barada maglumat berilýär.

**Üçünji bölümde** Lui Braýlyň güberçekli – nokat şekilli alty nokatdan ybarat bolan aýdym-saz sapagynda notalaryň kitaplarda ýazylyşy hem-de okamak usullary görkezilýär.

Gollanmanyň maksady mekdebimizde kör we çala görýän başlangyç synp okuwçylaryna bilim berýän mugallymlara braýlyň güberçekli – nokat şekilli harp ulgamynyň okalyşy, ýazylyşy barada maglumatlary ber-

mekden hem-de braýl ulgamynyň okuw derslerinde tutýan ornuny açyp görkezmekden ybaratdyr. Bu maglumatlary toplumlaryň kör we çala görýän mekdep ýaşly bölümleriniň mugallymlary, terbiýeçileri sapaklarynda ulanyp biler.

## 1.3. Lui Braýlyň güberçekli – nokat şekilli alty nokatly ulgamy boýunça ýazmak we okamak düzgünleri

Braýl ulgamynyň esasyny alty nokat düzýär. Her bir san, her bir belgi alty nokadyň içinde utgaşdyrylýar. Her nokadyň öz sany bar. Nokatlaryň sanawy ýokardan aşaklygyna sanalýar:

**1-nji tablisa**

| | |
|---|---|
| 4 ∘ | ∘ 1 |
| 5 ∘ | ∘ 2 |
| 6 ∘ | ∘ 3 |

***ýazylanda***

| | |
|---|---|
| 1 ∘ | ∘ 4 |
| 2 ∘ | ∘ 5 |
| 3 ∘ | ∘ 6 |

***okalanda***

**1-nji düzgün.** Braýl ulgamynyň güberçekli-nokat şekilli ýazgylary sagdan çepe ýazylýar.

**Bellik**. Nokatlaryň aşagyndaky sanlar aýratyn aýdylýar. Mysal üçin, kese çyzyk 3,6 nokatlar.

**Mysal üçin:** Salam, mugallym!

***(Grifel enjamy bilen ýazylyşy)***






**1-nji surat. AŞSDOTT-niň 1-nji synp okuwçysynyň braýl enjamynda hat ýazyşy**

**2-nji düzgün.** Braýlyň güberçekli-nokat şekilli ýazgysynyň okalyşy (çepden saga).

**Mysal üçin:** Men mugallym.

***(Kitapda okalyşy)***







**2-nji surat. AWSDOTT-niň 1-nji synp okuwçysynyň braýl kitabyny okaýşy**




**3-nji surat .Türkmen döwlet neşirýat gullugy tarapyndan braýl ýazuwynda çap edilen käbir kitaplar**

# TÜRKMEN ELIPBIÝI

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Aa 1 | Bb 12 | Çç 12345 | Dd 145 | Ee 15 |
| Ää 126 | Ff 124 | Gg 1245 | Hh 125 | Ii 24 |
| Jj 1456 | Žž 245 | Kk 13 | Ll 123 | Mm 134 |
| Nn 1345 | Ňň 345 | Oo 135 | Öö 1236 | Pp 1234 |
| Rr 1235 | Ss 234 | Şş 156 | Tt 2345 | Uu 136 |
| Üü 13456 | Ww 2456 | Yy 2346 | Ýý 12346 | Zz 1356 |

2. Sargyt № 285

## 1.4. Güberçekli – nokat şekilli dyngy belgileriň ýazylyşy we düzgünleri



Baş harp belgisi – 6-njy nokat

Belgi sözüň birinji harpyna goşulýar we onuň öňünde ýazylýar. Baş harp alamatynyň öňünden öýjük goýberilýär.

**Mysal üçin:** Men Aşgabatda ýaşaýaryn.




**Bellik.** Gollanmada hemme harpy baş harp bilen ýazylan sözde iki gezek baş harpyň belgisi goýulýar.

**Mysal üçin:** TÜRKMENISTAN



6 6 2345 13456 1235 13 134 15 36



1345 24 234 2345 1 1345

**Nokatly otur belgisi**
**;**



6-njy nokat
2-3-nji nokatlar

Nokatly otur sözüň soňky harpyna goşulýar. Nokatly oturdan soňra bir öýjük goýberilýär.

**Mysal üçin:**

Jeýhun bile bahry – Hazar arasy,
Çöl üstünden öser ýeli türkmeniň,
Gül – gunçasy, gara gözüm garasy,
Gara dagdan iner sili türkmeniň.



6 1456 15 12346 125 136 1345 12 24 123 15



12 1 125 1235 2346 36 6 125 1 36



1356 1 1235 1 1235 1 234 2346 2

6 12345 1236 123   13456 234 2345 13456 1345 36

145 15 1345   1236 234 15 1235   12346 15 36

123 24   2345 13456 1235 13 134 15 36

1345 24 345 6 23

6 1245 13456 123   36   1245 136 1345 36

12345 1 234 2346 2   1245 1 1235 1

1245 1236 1356 13456 134   1245 1 1235 1 36

234 2346 2

6 1245 1 1235 1   145 1 1245 145 1 1345

24 1345 15 1235   234 24 123 24



2345 13456 1235 13 134 15 1345 24 345 256

**Otur belgisi**  2- nji nokat

**,**

Otur belgisi sözlemiň içinde ýazylanda, sözüň soňky harpyna goşulýar, indiki ýazyljak sözüň öňünde öýjük goýberilýär.

**Mysal üçin:** Mugallymyň ady Maýa, familiýasy Saparowa.



6 134 136 1245 1 123 123 2346 134 2346 345



1 145 2346 6 134 1 12346 1 2



124 1 134 24 123 24 12346 1 234 2346



6 234 1 1234 1 1235 135 2456 1 256

**Köp nokat belgisi** 

2–5–6-njy nokatlar
2–5–6-njy nokatlar
2–5–6-njy nokatlar

**...**

Köp nokat sözlemde soňky söze goşulýar. Köp nokatdan soňra öýjük goýberilýär.

**Mysal üçin:** Ol rus dili mugallymy. Ol Maryda ýaşaýar...



6 135 123 1235 136 234 145 24 123 24



134 136 1245 1 123 123 2346 134 2346 256



6 135 123 6 134 1 1235 2346 145 1



12346 1 156 1 12346 1 1235 256 256 256

**Nokat belgisi** .  2–5–6-njy nokatlar

Nokat gönükmede sözlemdäki soňky sözden soň ýazylýar. Nokatdan soňra bir öýjük goýberilýär.

**Mysal üçin:** Bu meniň kitabym.



6 12 136 134 15 1345 24 345



13 24 2345 1 12 2346 134 256

**Iki nokat belgisi** :  2-5-nji nokatlar

Iki nokat sözüň soňky harpyna goşulýar. Iki nokatdan soňra bir öýjük goýberilýär.

**Mysal üçin:** Sizi doglan günüňiz bilen gutlaýaryn:




**Sorag belgisi**
**?**



2–6-njy nokatlar

Sorag belgisi gönükmedäki sorag sözleminiň soňky sözüne goşulýar. Sorag belgisinden soňra bir öýjük goýberilýär.

**Mysal üçin:** Seniň adyň näme? Meniň adym Berdi.





1345 126 134 15 26 6 134 15 1345 24 345



1 145 2346 134 6 12 15 1235 145 24 256

**Ýüzlenme belgisi**  2–3–5-nji nokatlar

**!**

Ýüzlenme belgisi gönükmede soňky söze goşulýar. Ýüzlenme belgisinden soňra bir öýjük goýberilýär.

**Mysal üçin:** Salam! Sen kim?



6 234 1 123 1 134 235 6 234 15 1345



13 24 134 26

**Ýaý belgisi**  2–3–5–6-njy nokatlar

**( )** 2–3–5–6-njy nokatlar

Açylýan we ýapylýan ýaý belgisi sözlemde ýaýlar (tekstiň sözleminde) içindäki mowzugyň başyndaky we soňundaky söze goşulýar.

**Mysal üçin:** Piljagaz bolsa (ýene-de örän edeplilik bilen) indi bir ýenjiläýmäýin diýip süýşüpdir.

6 1234 24 123 1456 1 1245 1 1356

12 135 123 234 1 2356 12346 15 1345 15 36

145 15 1236 1235 126 1345

15 145 15 1234 123 24 123 24 13

12 24 123 15 1345 2356 24 1345 145 24

12 24 1235 12346 15 1345 1456 24 36

123 126 12346 134 126 12346 24 1345

145 24 12346 24 1234 234 13456 12346 36

156 13456 1234 145 24 1235 256

**Goşa dyrnak belgisi açylanda «**

**Goşa dyrnak belgisi ýapylanda »**



2–3–6-njy nokatlar
3–5–6-njy nokatlar

Goşa dyrnak belgisi bölünip aýrylýan mowzukdaky birinji we soňky harplara goşulýar.

**Mysal üçin:** Bagyşlaň! «Türkmenistan» myhmanhanasy haýsy köçede ýerleşýär?



**Kese çyzyk (tire )**  3–6-njy nokatlar

Kese çyzyk belgisi sözüň soňky harpyna goşulyp, onuň öňünden we soňundan bir öýjük goýberilýär.

**Mysal üçin:**

– Men Size minnetdar!



36 6 134 15 1345 6 234 24 36



1356 15 134 24 1345 1345 15 2345 36



145 1 1235 235

**Kese çyzyk (defis)**  3–6-njy nokatlar

Kese çyzyk belgisi geljek harpyň soňuna we indiki harpyň başyna goşulýar, öýjük goýberilmeýär.

**Mysal üçin:** Gije-gündiz



6 1245 24 1456 15 36 1245 13456 1345 145 24 1356

**Setirden-setire geçmek (bogun belgisi)**  3–6-njy nokatlar

Söz bogna bölünende, bogun belginiň öňünde we yzynda öýjük goýberilmeýär.

**Mysal üçin:** dep-
der




**Basym belgisi**  4-nji nokat

Sözleriň bellibir bognunyň batlyrak, sesiň basylyp aýdylmagyna basym diýilýär. Braýl ulgamynda basym belgisi sözde zarply çekimli harpyň öňünden goşulýar, öýjük goýberilmeýär.

**Mysal üçin:** Kitap, örän şat.



## 1.5. Güberçekli – nokat şekilli teksti bezemek

### Tekstiň adyny ýazmak

Tekstiň adyny ýazmak üçin setiriň başlaýan ýerinde 4 sany öýjük goýbermek zerurdyr.

**Mysal üçin:**

| Meniň maşgalam |
| --- |




### Abzasyň ýazylyşy

Teksti abzasdan ýazmak üçin, iki öýjügi setiriň başynda goýbermeli.

**Mysal üçin:**

Ynha, bu meniň maşgalam.



## Sözleriň has gara harplar bilen ýazylyşy

Kitaplarda sözleriň gara harplar bilen bellige alnyp görkezilişi



3–4-nji nokatlar
3–4-nji nokatlar

**Mysal üçin: Aşgabat şäheri** günsaýyn ösýär.



34 6 1 156 1245 1 12 1 2345



156 126 125 15 1235 24 34 1245 13456 1345



234 1 12346 2346 1345 1236 234 12346 126 1235 256

## Ýalňyşlyk belgisiniň ýazylyşy

Ýalňyşlygyň bellige alynýan alamaty



4–5–6-njy nokatlar

Okuwçylaryň depderinde, ýalňyşlyk goýberilen zolagynda mugallym tarapyndan ýalňyşlyk belgisi goýulýar (enjamyň daşyndan bellenilýär).

## 1.6. Güberçekli – nokat şekilli çekimli we çekimsiz sesleriň gönükme işlenende bellige alnyşy

**Ýogyn çekimli sesler:** A, O, U, Y

 4–5–6-njy nokatlar  4–5–6-njy nokatlar

**Mysal üçin:** Oraz



456 6 135 456 1235 456 1 456 1356

**Inçe çekimli sesler:** Ä, Ö, Ü, I, E

 3–6-njy nokatlar  3–6-njy nokatlar

**Mysal üçin:** Gül



1245 36 13456 36 123

**Açyk sesler:** G, B, D, J

 3–5-nji nokatlar  3–5-nji nokatlar

**Dymyk sesler:** K, P, T, Ç

 3-nji nokat  3-nji nokat

**Dodak çekimli sesler:** O, Ö, U, Ü

 3–5-nji nokatlar  3–5-nji nokatlar

## 1.7. ELIPBIÝLER

W.Ý.Ýeroşenko (1889–1952) Russiýa Federasiýasynyň Kursk guberniýasynyň Obuhow obasynda 1889-njy ýylyň 31-nji dekabrynda eneden dogulýar. Ol dört ýaşynda görmekden mahrum bolýar. Wasiliý Ýakowlewiç Ýeroşenko lingwist, ýazyjy, tiflopedagog. 1934-nji ýylda ol Türkmenistana gelýär. Onuň ýardam etmegi bilen 1935-nji ýylda Serhetabat (öňki Guşgy) şäheriniň golaýyndaky Margunowka obasynda ýurt boýunça kör çagalar öýi açylýar. Ol şol çagalar öýünde ýolbaşçy bolup 11 ýyl işleýär. Işlän döwründe ol türkmen elipbiýiniň braýl ulgamyny döredýär. W.Ý.Ýeroşenko türkmen elipbiýini braýlyň güberçekli – nokat şekilli ulgamynda döreden ilkinji tiflopedagogdyr.

W.Ý.Ýeroşenko kör türkmen çagalary üçin güberçekli – nokat şekilli okuw kitabynyň awtory bolmak bilen, onuň öz wagtynda neşir edilmegini gazanýar. Häzirki wagtda Aşgabatda W.Ý.Ýeroşenkonyň okuwçysy Nurym Mommyýew ýaşaýar. Ol Türkmenistanyň körler jemgyýetiniň weterany hem-de köp ýyllap kör we çala görýän çagalaryň mekdep-internatynda mugallym bolup işledi.

## Elipbiýleriň alamaty

1. Türkmen elipbiýiniň belligi hem-de baş harpynyň alamaty  6-njy nokat

2. Rus elipbiýiniň belligi hem-de baş harpynyň alamaty  4–5-nji nokat-lar

3. Iňlis elipbiýiniň belligi hem-de baş harpynyň alamaty  6-njy nokat

4. Türk elipbiýiniň belligi hem-de baş harpynyň alamaty  6-njy nokat

Braýlyň ulgamynda nokat şriftinde elipbiýleriň aýratynlygyny görkezýän belliklere elipbiýleriň şrift alamatlary diýilýär. Elipbiýleriň alamaty harpyň öňündäki öýjükde ýazylýar.

3. Sargyt № 285

# TÜRKMEN ELIPBIÝI (30 harp)

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Aa 1 | Bb 12 | Çç 12345 | Dd 145 | Ee 15 |
| Ää 126 | Ff 124 | Gg 1245 | Hh 125 | Ii 24 |
| Jj 1456 | Žž 245 | Kk 13 | Ll 123 | Mm 134 |
| Nn 1345 | Ňň 345 | Oo 135 | Öö 1236 | Pp 1234 |
| Rr 1235 | Ss 234 | Şş 156 | Tt 2345 | Uu 136 |
| Üü 13456 | Ww 2456 | Yy 2346 | Ýý 12346 | Zz 1356 |

# RUS ELIPBIÝI (33 harp)

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Аа 1 | Бб 12 | Вв 2456 | Гг 1245 | Дд 145 |
| Ее 15 | Ёё 16 | Жж 245 | Зз 1356 | Ии 24 |
| Йй 12346 | К к 13 | Лл 123 | Мм 134 | Нн 1345 |
| Оо 135 | Пп 1234 | Р р 1235 | Сс 234 | Тт 2345 |
| Уу 136 | Фф 124 | Хх 125 | Ц ц 14 | Чч 12345 |
| Шш 156 | Щщ 1436 | Ъъ 12356 | Ыы 2346 | Ь ь 23456 |
| Ээ 246 | Юю 1256 | Яя 1246 | | |

# IŇLIS ELIPBIÝI (26 harp)

| Harp | Okalyşy | Nokatlar |
|---|---|---|
| Aa | [ eý ] | 1 |
| Bb | [ bi ] | 12 |
| Cc | [ si ] | 14 |
| Dd | [ di ] | 145 |
| Ee | [ i ] | 15 |
| Ff | [ ef ] | 124 |
| Gg | [ ji ] | 1245 |
| Hh | [ eýç ] | 125 |
| Ii | [ aý ] | 24 |
| Jj | [ jeý ] | 245 |
| Kk | [ keý ] | 13 |
| Ll | [ el ] | 123 |
| Mm | [ em ] | 134 |
| Nn | [ en ] | 1345 |
| Oo | [ ou ] | 135 |
| Pp | [ pi ] | 1234 |
| Qq | [ kýu ] | 12345 |
| Rr | [ ar ] | 1235 |
| Ss | [ es ] | 234 |
| Tt | [ ti ] | 2345 |
| Uu | [ ýu ] | 136 |
| Vv | [ wi ] | 1236 |
| Ww | [ dablýu ] | 2456 |
| Xx | [ eks ] | 1346 |
| Yy | [ uaý ] | 13456 |
| Zz | [ zet ] | 1356 |

# TÜRK ELIPBIÝI (29 harp)

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Aa 1 | Bb 12 | Cc 14 | Çç 16 | Dd 145 |
| Ee 15 | Ff 124 | Gg 1245 | Ğğ 126 | Hh 124 |
| İi Inçe 24 | Iı 35 | Jj 245 | Kk 13 | Ll 123 |
| Mm 134 | Nn 1345 | Oo 135 | Öö 246 | Pp 1234 |
| Rr 1235 | Ss 234 | Şş 146 | Tt 2345 | Uu 136 |
| Üü 1256 | Vv 1236 | Yy 13456 | Zz 1356 | |
| Ââ Çekim belgisi goýlan harp 345 | Î î Çekim belgisi goýlan harp 34 | Ûû Çekim belgisi goýlan harp 156 | | |

# ARAP ELIPBIÝI (28 harp)

| Harp | Nokatlar | Ady |
|---|---|---|
| ا | 1 | elif |
| ب | 12 | bä |
| ت | 2345 | tä |
| ث | 1456 | sä |
| ج | 245 | jiým |
| ح | 156 | hä |
| خ | 1346 | ho |
| د | 145 | dal |
| ذ | 2346 | zal |
| ر | 1235 | ro |
| ز | 1356 | zä |
| س | 234 | siýn |
| ش | 146 | şiýn |
| ص | 12346 | sod |
| ض | 1246 | dzod |
| ط | 23456 | toý |
| ظ | 123456 | zoý |
| ع | 12356 | aýyn |
| غ | 126 | Gaýyn |
| ف | 124 | fii |
| ق | 12345 | koof |
| ك | 13 | kääf |
| ل | 123 | lääm |
| م | 134 | miým |
| ن | 1345 | nuun |
| و | 2456 | waaw |
| ه | 125 | he |
| ال | 1236 | läm elif |
| ي | 24 | ýä |
| ى | 135 | Döwlen elif |
| ة | 16 | Togalak tä |

## 1.8. Okuw tifloenjamlary

Görmekden mahrum bolan adam maglumatlary almakda kynçylyk çekýär. Gazetleri, žurnallary we kitaplary okamak mümkinçiligi bolmaýar. Şeýle ýagdaýlarda adamlara braýlyň güberçekli – nokat şekilli ulgamy boýunça tifloenjamlar arkaly okamaga kömek edilýär.

Mysal üçin, Lui Braýlyň güberçekli – nokat şekilli ýazgysy üçin ulanylýan okuw enjamy braýl ulgamynda ýazgy üçin ulanylýan grifeldir.

**Grifel** ýiti uçly demir simden, tutawajy plastmassadan ýa-da agaçdan ýasalýar. Grifel dürli görnüşde bolup bilýär. Çagalar üçin kiçiräk tutawaçly, tegelek deşikli görnüşde bolup biler.



**4-nji surat. Grifelleriň görnüşleri**

Braýl ulgamy boýunça harplary ýazmak üçin ýörite ýazuw enjamy ulanylýar. Bu ýazuw enjamy üç sany demir plastikadan ýasalyp, olaryň iki sanysy petle bilen birleşdirilip, açylyp ýapylýar. Bu enjam 6, 9, 18, 24 setirli bolup

bilýär. Mekdeplerde ulanylýan 18 setirli 24 gözenekli enjam okuwçylar üçin örän amatlydyr. Onuň gapajygynyň sag tarapyndan her setiriň aralygynda güberçekli – nokat şekilli 1den 9-a çenli sanlar ýazylanda, sanlar okuwçylara setirleri çen bilen kesgitlemäge kömek edýär.



**5-nji surat. Okuw enjamy**

## Kubik harp

**Kubik** harp braýlyň ulgamyny öwrenmek üçin göz öňünde tutulandyr. Onuň güberçekli nokadynyň göwrümi bolan, aşakdaky üç hereketli elementleriniň kömegi bilen braýl ulgamy boýunça harp ýa-da belgi düzmek bolar.

Güberçekli nokadynyň ölçegi, *mm*........ 3 x 1,5
Güberçek nokatlarynyň aralygy, *mm*.......... 10
Ölçeg göwrümi, *mm* ...................... .34 x 34 x 30

 

**6-njy surat. Kubik harp**

## Sökülip – düzülýän harplyk

**Sökülip – düzülýän harplyk** braýl ulgamyny öwrenmek üçin göz öňüne tutulandyr. Plankada ştiftleriň kömegi bilen san, harp we söz ýygyndysyny geçirmek bolar. Plankalar agaçdan, plastmassadan ýasalandyr. Harplyk polimer planka gapda gaplanýar.

Plankada gözenekleriň mukdary, *sany*..........10

Gözenekleriň ölçegi, *mm*........................ 33 x 49

Ştiftleriň mukdary, *sany* ......................... 60

Ştiftleriň uzynlygy, *mm* .......................... 18,5

Ştiftiň ýarym şar gapagynyň diametri, *mm* ........9

Ölçeg göwrümi, *mm*............................348 x 49 x 17





**7-nji surat. Sökülip – düzülýän harplyk**

## Surat çekmek üçin «okuwçy» güberçekli – nokat şekilli enjam

Surat çekmek üçin «okuwçy» güberçekli – nokat şekilli enjam görmeýän we gowşak görýän çagalaryň mekdeplerde matematika, surat we çyzuw derslerinde peýdalanmaklary üçin göz öňünde tutulandyr. Güberçekli çyzgy lawsandan edilen plýonkada şarikli ruçka bilen amala aşyrylýar.

Onuň işçi meýdanynyň möçberi, *mm*.............211x144

Ölçeg göwrümi, *mm* ................................242x185x5





**8-nji surat. surat çekmek üçin enjam «okuwçy» güberçekli – nokat şekilli**

## 1.9. Güberçekli – nokat şekilli sözlemiň baş agzalarynyň ýazylyşy

Sözlemde sözleriň baş agzalary eýe we habar sözleminiň braýl ulgamynda güberçekli – nokat şekilli goýulýan alamatlaryň ýazylyşy:

**1. Eýe** sözlemde sözüň iki tarapynda alamatlaryň arasynda ýazylýar, öýjük goýberilmeýär.


1–2–6-njy nokatlar


3–4–5-nji nokatlar

**Mysal üçin:** Meret  hat ýazýar.


126 6 134 15 1235 15 2345 345 125 1 2345


12346 1 1356 12346 1 1235 256

**2. Habar** sözlemde iki sany alamat bilen bellenilýär, sözüň iki tarapynda ýazylýar, öýjük goýberilmeýär.


1–2–6-njy nokatlar
1–2–6-njy nokatlar


3–4–5-nji nokatlar
3–4–5-nji nokatlar

**Mysal üçin:**

Meret ertirki sapaklaryna taýýarlanmaga başlady.




## 1.10. Güberçekli – nokat şekilli sözlemiň aýyklaýjy agzalarynyň ýazylyşy

Aýyklaýjylar aýyrgyçlar, doldurgyçlar diýen topara bölünýär. Braýl ulgamynda güberçekli – nokat şekilli goýulýan alamatlaryň ýazylyşy:

**1. Aýyrgyç** takyk kesgitli belgi sözlemde ýazylanda, ol iki sany belginiň arasynda ýazylýar, öýjük goýberilmeýär.

 1–2–4–5–6-njy nokatlar  2–3–4–5–6-njy nokatlar

**Mysal üçin:** Men gyzykly kitap okadym.



6 134 15 1345 12456 1245 2346 1356 2346 13 36



123 2346 23456 13 24 2345 1 1234



135 13 1 145 2346 134 256

**2. Doldurgyçlar** sözlemde sözüň iki tarapynda bellikleriň arasynda ýazylýar, öýjük goýberilmeýär.

 4–5–6-njy nokatlar  4–5–6-njy nokatlar

**Mysal üçin:** Kakam şäherden geldi.



6 13 1 13 1 134 456 156 126 36



125 15 1235 145 15 1345 456 1245 15 123 36



145 24 256

**3.** Sözlemleri sintaktik taýdan braýl ulgamynda derňemek.

**Mysal üçin:** Geçen tomus biziň okuwçylarymyz Arçabilde boldular.




## 1.11. Güberçekli – nokat şekilli asyl, düýp söz we goşulmalarynyň ýazylyşy

Braýl ulgamynda sözlemde sözler, goşulmalar şu alamatlaryň kömegi bilen derňew edip görkezilýär:

1. Sözleriň özbaşdak many aňladýan bölegine asyl söz diýilýär. Asyl sözi iki belligiň arasynda görkezilýär, öýjük goýberilmeýär.

 4-5-6-njy nokatlar  4-5-6-njy nokatlar

**Mysal üçin:** Nä|dogru|lyk



6 1345 126 456 145 135 1245 1235 134 456 36



123 2346 13

**2.** Sözüň özbaşdak many aňlatmaýan bölegine goşulma diýilýär. Goşulma asyl sözlere goşulyp ulanylýar. Goşulmanyň öňünde güberçekli – nokat şekilli kese çyzyk belgisi ýazylýar, öýjük goýberilmeýär.

 3–6-njy nokatlar

**Mysal üçin:** Demir-çi



6 145 15 134 24 1235 36 12345 24

**3.** Sözüň söz üýtgediji goşulmalary aýrylanda, galýan bölegine düýp söz diýilýär. Braýl ulgamynda düýp sözi görkezmek üçin belgi ýazylýar, öýjük goýberilmeýär.

 4–5–6-njy nokatlar

**Mysal üçin:** baýdak|



6 12 1 12346 145 1 13 456

**4.** Sözüň öňünden goşulma güberçekli – nokat şekilli kese çyzyk arkaly kesgitlenip görkezilýär, öýjük goýberilmeýär.

 3–6-njy nokatlar

**Mysal üçin:** Nä-dogry



6 1345 126 36 145 135 1245 1235 2346

## 1.12. Güberçekli – nokat şekilli has we jyns atlaryň ýazylyşy

### Has we jyns atlaryň bellige alnyşy

4–5–6-njy nokatlar has we jyns atlaryň öňünde we soňunda ýazylýar, öýjük goýberilmeýär.

 4–5–6-njy nokatlar  4–5–6-njy nokatlar

**Mysal üçin:** Köpetdag



456 6 13 1236 1234 15 145 1 1245 456

## 1.13. Güberçekli – nokat şekilli atlaryň ýöňkeme, düşüm we işlikleriň zaman goşulmalarynyň bellige alnyşy

**1.** Braýl ulgamynda güberçekli – nokat şekilli atlaryň ýöňkeme goşulmalaryny belginiň içine almak (ýazylanda öňünde we soňunda öýjük goýberilmeýär).

 3-nji nokat  3-nji nokat

**Mysal üçin:** Galamym



6 1245 1 123 1 134 3 2346 134 3

**2.** Braýl ulgamynda güberçekli – nokat şekilli düşüm goşulmalaryny belginiň içine almak (ýazylanda öňünde we soňunda öýjük goýberilmeýär).

4. Sargyt № 285

 3–6-njy nokatlar  3–6-njy nokatlar

**Mysal üçin:** Şäherden



6 156 126 125 15 1235 36 145 15 1345 36

**3.** Braýl ulgamynda güberçekli – nokat şekilli işlikleriň zaman goşulmalaryny belginiň içine almak (ýazylanda öňünde we soňunda öýjük goýberilmeýär)

 3–6-njy nokatlar  3–6-njy nokatlar

**Mysal üçin:** Geldi



6 1245 15 123 36 145 24 36

## 1.14. Türkmen dili okuw kitaplarynda güberçekli – nokat şekilli şertli belgileriň ýazylyşy

**Şertli belgiler:**

Goşmaça ýumuşlar  

16 35

Ýazylyşy kynrak hasap edilen sözler çarçuwanyň (ramkanyň) içine alynýar.

Ýatdan öwrenmek üçin ýumuş



12346 13456

Hökmany öwrenmeli kadalar



1245 1245 1245 1245





2356 2356 2356 2356

Täze tema



126 345

Ýumuşlar



16 35

# II BÖLÜM

## Matematikada ýazylýan braýl ulgamyndaky güberçekli – nokat şekilli alamatlar, görkezmeler

Braýl ulgamynda algebra, fizika, himiýa, astronomiýa derslerinde alamatlar, formulalar, görkezmeler, matematika ýazgysy tekst ýaly ýazylýar. Galan söz bilen ýazylan her bir matematika degişli däl ýazgylar edebiýat tekstine degişlidir.

### 2.1. Güberçekli – nokat şekilli umumy belgiler we düzgünler

| | | | |
|---|---|---|---|
| 1. | № |  1345 | belgi |
| 2. | § |  346 | paragraf |
| 3. | |  5 | matematikada setirden-setire geçmek- 1 (eger boş öýjük goýberilmese) |
| 4. | |  6 | matematikada setirden-setire geçmek - 2 (boş öýjük goýberilse) |

5.  matematikada dyngy belgileri anyklaýjy

6

6. ...  matematikada köp nokat

6 3

7. -  kese çyzyk

36

**1-nji düzgün.** Paragraf we tertip belgisini ýazmazdan öň, 1 öýjük goýberilýär.

**2-nji düzgün.** Tekstiň içinde matematiki ýazgysy bolanda, öňünde we yzynda boş öýjük goýberilýär.

**3-nji düzgün.** Matematikada sanyň yzyndan dyngy belgi gelse, dyngy belgi droba öwrülmez ýaly, onuň öňünden 6-njy nokat goýulýar.

**4-nji düzgün.** Matematikada uzyn kese çyzygyň yzyndan öýjük goýberilýär, şeýle hem kiçi kese çyzygyň öňünden we yzyndan öýjük goýberilmeýär.

**1-nji mysal**

1, 2, 3, ..., 8, 9 – şu sanlar



3456 1 6 2 3456 12 6 2



3456 14 6 2 6 3 2 3456 125 6 2




**2-nji mysal**

1-nji düzgün




5-nji mesele




**3-nji mysal**

**Bellik.** Setirden setire geçilende, goýulýan belgiler barada ýokarda agzalyp geçilýär.

1+2+

3+... +10

= 55.



3456 1 235 3456 12 235 5



3456 14 235 6 3 235 3456 1 245 6



2356 3456 15 15 6 256

